# Artykdyr

Category: Goşgular,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 21 января, 2025
Artykdyr ARTYKDYR

A.G-e.

Salyhadyň müň gelinden zyýada,
Kä erkekleň edim-gylmy harpykdyr.
Gybatyňy eden galsyn pyýada,
Dymyp… Haka tabşyryşyň artykdyr.

Geldi-geçer dünýä… galypdyr kime?..
Heýhat!.. ömür ýelgamak deý ýortupdyr.
Sen diňe goşgy ýaz! Goşgy ýaz diňe,
Bizsizem dünýäniň sözi artykdyr ~

bizsizem ýetipdir söhbeti-sazy,
diýenleň, owaldan akly kertikdir.
Her kimiň öz sözi, öz ýüzi, közi,
Öz ýolun goýanlaň şany artykdyr.

«Şahyr men» diýp käsi pallar-geriner,
Marinadan* setir baryn kertipdir.
Seniň göräýmäge ýöntem görünýän,
Goşgulaň şoň sam-samyndan artykdyr.

Sen dymsaňam, men tüýkürýän ýüzüne,
Baý-baý, olaň ýugrumynda şer köpdür…
Sözüň deň gelmese olaň sözüne,
Gyýylma. Orramsyň güni artykdyr.

Erte sözleriňden gözlärler kümüş,
Bu gün merjenini küller örtüpdir.
Öz sözün sözlänler gazanar Ýeňiş!
Adyňy ýat etjek diller artykdyr.

Galmagalsyz geçmez durmuş diýeniň

Ýüz-gözüñi gaýzykdyran sörtükdir.
Bir ýazanyñ galar, birem söýeniñ,
Gumly gelinleriñ ody artykdyr.

Dertdeş barmy bize… şygyrdan eziz,
Ägä bol, dünýäniñ teýi ýyrtykdyr.
Seniñ nagt beren jogabyñ heniz,
Karz-kowal alynan atdan artykdyr.

---

Bellik:
* Marina – M.Swetaýewa, XX asyr rus şahyry.

Has TÜRKMEN. Goşgular